TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMEN DÖWLET MALIÝE INSTITUTY

TASSYKLAÝARYN

Türkmen döwlet maliýe institutynyň rektory

_____ A.Ö.Gurbannazarow

«29» August 2026ý.

«MALIÝE BAŞLANGYÇLARY»

ATLY TASLAMA BÄSLEŞIGINI GEÇIRMEGIŇ

D Ü Z G Ü N N A M A S Y

AŞGABAT – 2026ý.

I. UMUMY DÜZGÜNLER

1.1. «Maliýe başlangyçlary» atly taslama bäsleşigini geçirmegiň Düzgünnamasy (mundan beýläk - Düzgünnama) türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň dürli ugurlarynda taslamalary işläp taýýarlamak we goldamak boýunça durmuşa geçirilýän maksatnamalaýyn işlere goşant goşmak, ýaşlaryň arasynda zehinli ýaşlary ýüze çykarmak hem-de olary höweslendirmek maksady bilen, Türkmen döwlet maliýe institutynyň Startap merkezi, Ýaş alymlar geňeşi we ilkinji Ýaşlar guramasy tarapyndan ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda geçiriljek «Maliýe başlangyçlary» taslama bäsleşigini (mundan beýläk – bäsleşik) geçirmegiň tertibini we şertlerini kesgitleýär.

1.2. Bäsleşik taslamalary durmuşa geçirmek we täjirleşdirmek üçin mümkinçiligi bolan hem-de ylmy-tehniki we tehnologik gözlegleriň netijelerini ulanmak bilen, täze önümleri, tehnologiýalary ýa-da hyzmatlary döretmek boýunça ýaşlaryň ylmy-innowasion taslamalary durmuşa geçirmeklige höweslendirmek maksady bilen geçirilýär.

1.3. Bäsleşigiň wezipeleri:

– ýaşlaryň ykdysadyýet boýunça innowasion pikirlerini (taslamalary, işläp taýýarlamalary) ýüze çykarmak we goldamak;

– telekeçilik pikirlerini täjirleşdirmek, şeýle-de taslamalary döretmek we ösdürmek arkaly innowasion telekeçilik boýunça tejribe toplamaga mümkinçilik bermek;

– ýaşlaryň telekeçilik işjeňligini ýokarlandyrmak;

– ylym bilen meşgullanýan ýaşlary höweslendirmek, olaryň ylmy açyşlaryna, taslamalaryna mynasyp baha bermek.

1.4. Bäsleşige innowasion we sanly ykdysadyýetiň aşakdaky ugurlaryna laýyk gelýän taslamalar hödürlenip bilner:

– sanly ykdysadyýet we innowasion tehnologiýalar (FinTech; Big Data we analitika, emeli aň, blokçeýn, kiberhowpsuzlyk);

– täze işewürlik modelleri we bazarlar (işewürlik-meýilnamasy, frilanserler üçin platformalar, täze sarp edijilik bazarlary);

– täze enjamlar we intellektual önümçilik tehnologiýalary (suw ýa-da energiýa tygşytlaýjy we saklaýjy ulgamlar, oba hojalygy üçin akylly çözgütler);

– kreatiw industriýa (ekoulgamlar we platformalar, mahabat, marketing, dizaýn);

– dersara ugurlar, şol sanda durmuş innowasiýalary we durnukly ösüş (hususy telekeçilik, sanly saglygy goraýyş, sanly bilim tehnologiýalary).

II. BÄSLEŞIGI GEÇIRMEGIŇ TERTIBI WE ŞERTLERI

2.1. Bäsleşigi guramak we geçirmek boýunça institutyň rektory tarapyndan tassyklanan Eminler topary döredilýär. Eminler topary hödürlenen taslamalary öwrenýär, seljerýär we baha berýär. Guramaçylyk topary bäsleşigi geçirmegiň guramaçylyk işlerini alyp barýar.

2.2. Her bir topar diňe bir taslamany hödürläp biler. Şol bir talyp diňe bir topara gatnaşyp biler. Toparyň düzümine 4-e çenli talyp girip biler. Bäsleşik türkmen dilinde geçirilýär.

2.3. Bäsleşige gatnaşmak üçin isleg bildiren topar 2026-njy ýylyň 1-nji oktýabryna çenli bäsleşigi guraýan Türkmen döwlet maliýe institutynyň ttdmaiyg@gmail.com elektron poçtasyna şu aşakdaky maglumatlary ugratmaly:

– elektron görnüşde doldurylan arza *(1-nji goşundy);*

– taslamanyň gysgaça işewürlik meýilnamasy *(2-nji goşundy);*

– taslamanyň esasy mazmunyny beýan edýän MS Power Point formatda taýýarlanan gysga prezentasiýa *(10 slaýddan köp bolmadyk).*

2.4. Bäsleşik iki tapgyrda geçirilýär:

Birinji tapgyr: *saýlama tapgyr*. Bu tapgyrda Eminler topary bäsleşigiň 2-nji jemleýji tapgyryna geçiriljek taslamalary saýlap alýar. Eminler topary tarapyndan saýlanyp alnan taslamalaryň ikinji tapgyra gatnaşmaga hukuk gazanandygy barada degişli topara habar berler.

Ikinji tapgyr: *tanyşdyryş, beýan etmek we jemlemek.* Bäsleşigiň jemleýji 2-nji tapgyryna bäsleşigiň 1-nji tapgyryndan geçen toparyň gatnaşmagyna rugsat berilýär. Bäsleşigiň ikinji tapgyry 2026-njy ýylyň 23-nji oktýabrynda sagat 10:00-da Türkmen döwlet maliýe institutynyň Baş okuw binasynda geçirilýär.

Ikinji tapgyrda toparlar taslamanyň prezentasiýasy bilen çykyş etmeli. Taslamanyň prezentasiýasy üçin her topara 5-7 minut wagt berilýär.

2.5. Eminler topary saýlanyp alnan taslamalara olaryň innowasion derejesi, ylmylygy, durmuşa ornaşdyrylyşy, täzeligi, dizaýny we talybyň ony beýan etmek başarnygy ýaly ölçegler boýunça baha bererler. Toplanan ballaryň jeminiň netijesinde toparlaryň eýelän orunlary kesgitlener. Bäsleşikde 1-nji, 2-nji we 3-nji orunlary eýelän toparlar, Türkmen döwlet maliýe institutynyň I, II, III derejeli diplomlary hem-de ýadygärlik sowgatlar bilen sylaglanarlar. Bäsleşigiň netijeleri Türkmen döwlet maliýe institutynyň resmi internet sahypasyna ýerleşdiriler.

Habarlaşmak üçin: Tel: +99361663606.

1-nji goşundy

Türkmen döwlet maliýe institutynyň Startap merkezi, Ýaş alymlar geňeşi we ilkinji Ýaşlar guramasy tarapyndan talyplaryň arasynda geçirilýän «Maliýe başlangyçlary» taslama bäsleşigine gatnaşmak üçin

_____

(ÝOM ady)

_____

(Toparyň ady)

ARZA

Talyplaryň F.A.Aa.	Hünäri (taýýarlyk ugry), ýyly	Taslamanyň ady	e-mail	Ykjam telefony	Ýolbaşçy mugallym

2-nji goşundy

_____

(ÝOM ady)

_____

(Toparyň ady)

Taslama barada gysgaça maglumat
(her sütün üçin 5-6 sözlem)

Taslamanyň ady	
Taslamanyň gysgaça beýany (haýsy önüm, hyzmat ýa-da tehnologiýa döredilýär)	
Taslamanyň maksady	
Teklip edilýän çözgüt	
Taslamanyň täzeligi	
Önüm/hyzmat ýa-da tehnologiýa (esasy aýratynlyklary we artykmaçlyklary)	
Taslama amala aşyrylyş mehanizmi (nähili durmuşa geçiriler, esasy tapgyrlar, zerur tehnologiýalar, enjamlar ýa-da serişdeler)	
Bazar we bäsdeşlik (önüme/hyzmata ýa-da tehnologiýa bolan isleg, meňzeş taslamalar ýa-da bäsdeşler, taslamanyň bazardaky artykmaçlygy	
Taslamany amala aşyrmak bilen baglanyşykly çykdajylar	
Taslamany maliýeleşdirmegiň çeşmeleri	
Garaşylýan girdejiler. Taslamanyň özüni ödemek möhleti	
Ýüze çykyp biljek kynçylyklar, töwekgelçilikler	
Garaşylýan netijeler (näçe önüm/hyzmat öndüriler ýa-da hödürlener; täze iş orunlarynyň döredilmegi; ykdysady, durmuş ýa-da ekologik täsiri)	